# Ýeriň aýyna

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ýeriň aýyna ÝERIÑ AÝYNA

Kemter – tarypyňa saýlanan sözler,
Görküňi görenje gözler gapykdyr.
Adyň ýöne ýerden goýlan öýtmegin,
Aý jahanda özün – sende tapypdyr.

Gün beripdir mylaýymlyk, mährini
Mylaýymlyk bolsun ömrüň gelşigi.
Hemem çagalyga bir petek berýän,
Unudyp bolarmy ajap gülşiňi?!

Zynjyr deý seplenen her geçen günde
Çümdürme göwnüňi gussaň laýyna.
Ýönekeýlik bolsun herhal, her ýerde
Sadalyk gelişýär ýeriň aýyna…

Ylham GURBANALYÝEW. Goşgular